Internet sahypa üçin düzedip taýýarlan: Timur Kor



# Ýalan hassa

( Erteki)

Derede bir güýçli güýçli ýolbars ýaşan.Ahyry ol ýolbars garrap, awdan galan. Ol köp pekirlenip, bir ýol tapan : “ Garry ýolbars syrkawlapdyr “ diýen habary ýaýradan.

Her hilli haýwanlar bu syrkawyň ýagdaýyny soramaga gelip başlan.



Tilki hem gelen :

- Ýolbars aga, ganymatmyzyňyz ? diýip soran.

Ýolbars :

- Tilki dost, sen näme daşda durýarsyň, ýanyma gel
- diýen.

- Ýolbars aga, seniň ýanyňa barýan yz bar-da, çykýan yz ýok.Şonuň üçinşu taýdan sorap hoşlaşaýjak – diýip, tilki Jogap beren.

---------  -----------



**Duşmanyň gülenine ynanma.**

Turkmenkultur.com



## Garlawaç

Guýrugy gaýçy ýaly,
Özi-de öýçi ýaly,
Hälisi ýok – şindisi,
Jaýymyzda jay ýasar.
Şar garaja ýylmanak,
Döşjagazy ak menek.
Hälisi ýok – şindisi,
Çagalarna jibirdäp,
Iýim daşaýar zybyrdap.
Kowsaňyz uçar gider,
Öýňüzden göçer gider.
Ýakymly onuň ady,
Söýýär ol adamzady.

Ilmyrat Pudakow




**Göwün bir çüşe,**

**Döwülse, ýama tutmaz.**



# Tazy we tilki

(Erteki)

Bir öwünjeň tilki : “ Meniň şu günler ylgasym gelýär “ diýen.

Tilkiniň bu sözlerini bir awçy eşidýär we ony tazysyna görkezýär. Tazy tilkä topulýär.

Tilki “ assa gaçan namart “ diýip gaçýar.

Şol wagt bir towşanjyk : Tilki aga, näme beýle  gaty gidýärsiň? Örän ylgasyň gelipdir öýdýän ? “ – diýýär.



Onuň soragyna tilki :

-- Wah, halym agyr-da, ylgaman nädeýin – diýip,

bir sürene özüni atýar.




Dek gezen dok gezer.



Turkmenkultur.com

## Kepderi



Kepderjigim sypanyp,
Darandan soň başyny,
Enaýyja garanýar
Töweregni, daşyny.
Dostlugyny bildirip,
Mygyr – mygyr seslenýär.
Ganatlaryny gabardyp,
Oýnan bolupjyk çişýär.

**Aman Kekilow.**




**Altyn alma, alkyş al.**

# Gurbaga we içýän

Turkmenkultur.com

# ( Erteki )



Bir gurbaganyň ýanyna bir

Içýän gelip :

-- Gurbaga, gel, ikimiz dost bolaly – diýipdir.

Gurbaga :

-- Bolýar – diýipdir.

Soň bu ikisi barýarkalar, öňlerinden ýap çykypdyr.

Şonda içýän :

-- Gurbaga dost ! Men bu ýapdan geçip bilmen – diýipdir.



Onda gurbaga :

-- Dost, men seni arkama alar-da geçiräýärin – diýipdir.

Turkmenkultur.com



Olar suwuň ortarasynda baranlarynda,

içýän gurbagany çakypdyr.

Gurbaga :

-- Ýeri, içýän dost, bu näme etdigiň ? – diýip sorapdyr.

Içýän :

-- Bu meniň kärim-dä – diýip, jogap beripdir.

Gurbaga :

-- Seniň käriň şu bolsa, biziň hem seniň ýaly ,, dost ,,

üçin kärimiz şu – diýip, suwa çümüp gidipdir.

Içýän bolsa suwa gark bolupdyr.

Turkmenkultur.com




**Ýaman bilen ýoldaş bolsaň,**

**ýörän ýoluň ýitirer.**

Turkmenkultur.com